**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 16-njy dekabrynda 817 san bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 24-nji noýabrynda çykaran 524-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

# Eksport we import geleşikleri boýunça dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende geleşigiň pasportyny resmileşdirmegiň TERTIBI

Şu Tertip «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny ýerine ýetirmek üçin işlenip düzüldi hem-de eksport we import geleşikleri boýunça dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende geleşikleriň pasportynyň görnüşini, hem-de ony resmileşdirmegiň düzgünlerini we şertlerini kesgitleýär.

## I. Şu Tertipde ulanylýan düşünjeler

1. Şu Tertibiň maksatlary üçin şu düşünjeler ulanylýar:

daşary söwda geleşigi – eksport we (ýa-da) import etmek maksady üçin (degişlilikde - eksport we (ýa-da) import geleşigi) eksport edijiniň we (ýa-da) import edijiniň adyndan gol çekilen (şol sanda, dahyllylar we dahylsyzlar, olara hyzmat edýän karz edaralary, eksport we (ýa-da) import edilýän harydyň (işiň, hyzmatyň) ady, sany we bahasy, ulag, ätiýaçlandyryş we beýleki çykdajylar, akseptiň möhleti barada maglumaty goşmak bilen, geleşigiň ähli möhüm şertlerini öz içine alýan hasap-faktura, inwoýs ýa-da başga resminama görnüşinde berk ofertany aksept etmek ýoly bilen baglaşylýan geleşik) pul şertnamasy;

eksport (import) ediji – eksport (import) etmek maksatlary üçin onuň adyndan daşary söwda geleşigi baglaşylan dahylly–ýuridik şahs (onuň şahamçasy, wekilligi) ýa-da dahylly–ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs;

geleşigiň pasporty – daşary söwda geleşigi boýunça hasaba alyşy we hasabatlylygy üpjün etmek maksady bilen resmileşdirilýän, özünde hasaplaşyklar hakynda maglumatlary saklap bilýän resminama (1-nji Goşundy);

geleşigiň pasportyna üýtgetmeler (goşmaçalar) – geleşigiň pasportynyň mazmunyndaky üýtgetmeler (goşmaçalar) barada şaýatlyk edýän, şeýle hem özünde hasaplaşyklar hakynda maglumatlary saklap bilýän geleşigiň pasportyna resminama (2-nji Goşundy);

geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar – daşary söwda geleşigi boýunça dahyllylaryň we dahylsyzlaryň borçlarynyň ýerine ýetirilişi hakynda goşmaça maglumatlary saklaýan geleşigiň pasportyna resminama (3-nji Goşundy);

pasportlaşdyrmak – geleşigiň pasportyny resmileşdirmegiň, şeýle hem zerur bolan halatynda geleşigiň pasportyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) ýa-da geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlary resmileşdirmegiň şu Tertip bilen bellenen görnüşleriniň, düzgünleriniň we şertleriniň umumy jemi;

söwda karzlary – harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler (satyjylar) bilen alyjylaryň (satyn alyjylaryň) arasynda gönüden-göni amala aşyrylanda, alyş-çalyş şertnamasy boýunça özara ibermeler mahalynda eksport boýunça tölegiň yza süýşürilmegi, import boýunça deslapky töleg (hakujy töleg) ýa-da eksportyň importdan öňe düşmegi (ýokarlanmagy);

Türkmenistanyň bank ulgamy – Türkmenistanyň Merkezi bankyny (birinji dereje) we ygtyýarly karz edaralaryny (ikinji dereje) özünde jemleýän iki derejeli ulgam.

2. Şu Tertipde ulanylýan ähli gaýry düşünjeler, olara «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda», «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda berilýän manyny aňladýarlar.

## II. Esasy düzgünler

3. Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda daşary söwda geleşikleri, onuň gatnaşmagynda degişli hasaplaşyklar amala aşyrylýan we (ýa-da) eksport (import) edijilere bank hyzmaty amala aşyrylýan Türkmenistanyň bank ulgamynyň üsti bilen pasportlaşdyrylýar.

4. Daşary söwda geleşikleri, eksportyň we importyň bank hem-de gümrük pul gözegçiliginiň maksatlary üçin pasportlaşdyrylýar, şol sanda:

dahylsyzlaryň dahyllylaryň öňündäki borçlarynyň doly we öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegi;

dahyllylaryň milli we daşary ýurt puluny öz ýurduna gaýtarmak talaplaryny berjaý etmekleri üçin.

5. Daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmagyň dowamynda şu aşakdakylar barlanylmaga degişlidir:

daşary söwda geleşigi boýunça borçlaryň ýüze çykmagyny, ýerine ýetirilmegini we bes edilmegini tassyklaýan resminamalar;

borçlaryň görnüş we mazmun boýunça ýerine ýetirilişiniň kanunylygy;

borçlaryň ýerine ýetirilişini hasaba almagyň dolulygy we hakykatçyllygy.

6. Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda Türkmenistandan eksport edilýän we Türkmenistana import edilýän harytlar (işler, hyzmatlar) üçin hasaplaşyklar, şol sanda Türkmenistandan eksport edilýän harytlaryň gümrük taýdan resmileşdirilmegi, dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki borjunyň ýerine ýetirilendigi ýa-da dahylly tarapyndan dahylsyza söwda karzynyň berilendigi baradaky anyk maglumatly deslapdan pasportlaşdyrylan daşary söwda geleşigi boýunça amala aşyrylýar.

Şol bir wagtda, tebigy gazyň, elektrik energiýanyň, dahylsyzlaryň ulanýan howa gämileri üçin guýulýan uçar ýangyjyň, şeýle hem puly kadalaşdyryjy edaralar tarapyndan kesgitlenilýän beýleki harytlaryň eksportynyň gümrük taýdan resmileşdirilmegi, soňra daşary söwda geleşigini pasportlaşdyrmak bilen amala aşyrlyp bilner.

## III. Daşary söwda geleşigini pasportlaşdyrmagyň nyşanlary

7. Pasportlaşdyrylan daşary söwda geleşigi, resminamaly kybaplaşdyrylmagynyň dowamynda hasaba alyşy we hasabatlylygy üpjün etmek üçin ulanylýan resmileşdirilen geleşigiň pasportynyň, şeýle hem zerur bolan halatynda resmileşdirilen geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) ýa-da geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Olar boýunça pula gözegçilik edýän edaralar we agentler dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky borçlaryň ýerine ýetirilşiniň pul gözegçiligini amala aşyryp bilýärler, şol sanda:

Türkmenistandan eksport edilýän we Türkmenistana import edilýän harytlar (işler, hyzmatlar) üçin hasaplaşyklar geçirilende bank pul gözegçiligini;

Türkmenistandan eksport edilýän harytlar deklarirlenende gümrük pul gözegçiligini.

## IV. Geleşigiň pasportynyň görnüşi, hem-de ony resmileşdirmegiň düzgünleri we şertleri

8. Geleşigiň pasporty hasaplaşyklaryň görnüşlerine garamazdan (pul, barter, konsignasion, maýa goýum we başgalar), möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän, şertlerinde harytlary (işleri, hyzmatlary) eksport we (ýa-da) import etmek göz öňünde tutulan - dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasynda baglaşylýan ähli daşary söwda geleşikleri üçin resmileşdirilýär we pul gözegçiliginiň resminamasy bolup hyzmat edýär.

Şol bir wagtda, eksport edijiniň we (ýa-da) import edijiniň şertnamany baglaşan senesine daşary söwda geleşiginiň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçmeýän eksport we import geleşikleri boýunça geleşigiň pasporty resmileşdirilmeýär.

9. Geleşigiň pasporty şu Tertibiň 1-nji Goşundysynda görkezilen görnüş boýunça resmileşdirilýär, onda daşary söwda geleşiginiň ähli esasy görkezijileri, şeýle hem şol geleşik boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar beýan edilýär.

Geleşigiň pasportynyň görnüşi şu Tertibiň 4-nji Goşundysynda görkezilen gollanma laýyklykda doldurylýar.

10. Geleşigiň pasportyny resmileşdirmek üçin eksport (import) edijiden şu aşakdakylar talap edilip bilner:

a) eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi;

b) daşary söwda geleşigiň göçürme nusgasy;

ç) eger-de şeýle talaplar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen bolsa, daşary söwda geleşiginiň baglaşylmagyna esas bolup durýan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ygtyýarly döwlet edaralarynyň namalarynyň göçürme nusgalary;

d) eger-de geleşigiň pasportynyň resmileşdirilýän pursatyna olar ýerine ýetirilen we berilen bolsa, şu Tertibiň VI babynyň 17-nji bölüminde görkezilen dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki we (ýa-da) dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada resminamalaryň göçürme nusgalary.

Şu bölümiň «b» we «ç» kiçi bölümlerinde görkezilen resminamalaryň göçürme nusgalary eksport (import) edijiniň goly we bolan halatynda möhüri bilen tassyklanylýar.

11. Geleşigiň pasportynyň hereket ediş möhleti daşary söwda geleşiginiň hereket ediş möhleti bilen çäklendirilýär.

## V. Geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) görnüşi, hem-de olary resmileşdirmegiň düzgünleri we şertleri

12. Gönüden-göni geleşigiň pasportynda beýan edilen daşary söwda geleşigiň görkezijileriniň üýtgedilmegi (goşulmagy), bu geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) resmileşdirilmegine getirýär.

13. Geleşigiň pasportyna üýtgetmeler (goşmaçalar) şu Tertibiň 2-nji Goşundysynda görkezilen görnüş boýunça resmileşdirilýär, onda daşary söwda geleşiginiň üýtgedilýän (goşulýan) ähli esasy görkezijileri tapawutlandyrylýar, şeýle hem şol geleşik boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar beýan edilýär.

Geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) görnüşi şu Tertibiň 4-nji Goşundysynda görkezilen gollanma laýyklykda doldurylýar.

14. Geleşigiň pasportyna üýtgetmeleri (goşmaçalary) resmileşdirmek üçin eksport (import) edijiden şu aşakdakylar talap edilip bilner:

a) eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi;

b) daşary söwda geleşiginiň şertleriniň üýtgedilendigi (goşulandygy) barada goşmaça ylalaşygyň ýa-da başga resminamanyň göçürme nusgasy;

ç) eger-de şeýle talaplar Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen bolsa, daşary söwda geleşiginiň şertlerine üýtgetmeler (goşmaçalar) barada goşmaça ylalaşygyny baglaşylmagyna esas bolup durýan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ygtyýarly döwlet edaralarynyň namalarynyň göçürme nusgalary;

d) eger-de geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň) resmileşdirilýän pursatyna olar ýerine ýetirilen we berilen bolsa, şu Tertibiň VI babynyň 17-nji bölüminde görkezilen dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki we (ýa-da) dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada resminamalaryň göçürme nusgalary.

Şu bölümiň «b» we «ç» kiçi bölümlerinde görkezilen resminamalaryň göçürme nusgalary eksport (import) edijiniň goly we bolan halatynda möhüri bilen tassyklanylýar.

## VI. Geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň görnüşi, hem-de olary resmileşdirmegiň düzgünleri we şertleri

15. Degişli resminamalar bilen tassyklanylýan dahylsyzyň dahyllynyň we (ýa-da) dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilmegi geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň resmileşdirilmegine getirýär.

16. Geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar şu Tertibiň 3-nji Goşundysynda görkezilen görnüş boýunça resmileşdirilýär, onda daşary söwda geleşiginiň ähli esasy görkezijileri bilen geleşigiň pasportyndan göçürme, şeýle hem şol geleşik boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar beýan edilýär.

Geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň görnüşi şu Tertibiň 4-nji Goşundysynda görkezilen gollanma laýyklykda doldurylýar.

17. Geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlary resmileşdirmek üçin eksport (import) edijiden şu aşakdakylar talap edilip bilner:

a) eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi;

b) dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki we (ýa-da) dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada resminamalaryň göçürme nusgasylary, olar hökmünde indikiler hyzmat edip biler:

tölegler boýunça - dahyllynyň (dahylsyzyň) peýdasyna gelen (giden) nagt ýa-da nagt däl görnüşindäki pul hakynda pulhana ýa-da hasaplaşyk resminamasy, ýa-da bu barada bank kepilnamasy;

ýerine ýetirilen işler ýa-da edilen hyzmatlar boýunça – dahyllynyň we dahylsyzyň iki taraplaýyn gol çeken (ýerine ýetirilen işleri, hyzmatlary kabul ediş-tabşyryş) ýa-da import edilende dahyllynyň bir taraplaýyn gol çeken ýa-da eksport edilende dahylsyzyň bir taraplaýyn gol çeken (ýerine ýetirilen işleri, hyzmatlary kabul ediş) ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) kabul edilendigi-tabşyrylandygy ýa-da kabul edilendigi barada delilnamasy ýa-da gaýry resminamasy;

getirilen ýa-da ýüklenip ugradylan harytlar boýunça - dahyllynyň we dahylsyzyň iki taraplaýyn gol çeken (harytlary kabul ediş-tabşyryş) ýa-da import edilende dahyllynyň bir taraplaýyn gol çeken ýa-da eksport edilende dahylsyzyň bir taraplaýyn gol çeken (harytlary kabul ediş) harytlaryň kabul edilendigi-tabşyrylandygy ýa-da kabul edilendigi barada delilnamasy ýa-da gaýry resminamasy;

Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen harytlar boýunça – degişli gümrük düzgünine ýerleşdirilen harydyň ýük gümrük deklarasiýasy ýa-da Türkmenistanyň gümrük gullugy edarasynyň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen harytlar barada kepilnamasy;

dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda Türkmenistanyň kanunçylygyna, iş dolanşygyň we halkara hukugyň adatlaryna laýyklykda düzülen daşary söwda geleşigi bilen kesgitlenilýän beýleki resminamalar;

ç) dahyllydan dahylsyza degişlilikde şu bölümiň «d» kiçi bölüminde göz öňünde tutulan üpjünçiliksiz söwda karzyny bermek üçin esas bolýan, ygtyýar beriji häsiýetli resminamalaryň göçürme nusgalary, şol sanda:

dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki ýuridik şahslar üçin - Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi;

dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli bolmadyk görnüşdäki ýuridik şahslar üçin – dahyllylar-ýuridik şahslaryň eýeleriniň çözgüdi;

d) dahyllydan dahylsyza söwda karzyny bermek üçin esas bolýan, üpjünçilik häsiýetli resminamalaryň göçürme nusgalary, şol sanda:

daşary ýurt karz edarasynyň dahyllynyň haýryna beren bank kepilnamasy;

ygtyýarly bankyň ýa-da daşary ýurt karz edarasynyň ýerine ýetiriji bank bolup durýan şertinde, güwälendiriş hasaplar boýunça töleýjiniň hasabyna üpjün edilen yzyna gaýtarylmaýan güwälendiriş hasaplar;

dahylsyz tarapyndan dahylla berlen, daşary ýurt karz edarasy tarapyndan kepillendirilen weksel;

dahyllynyň adyna geçirilmäge degişli emlägiň bahasynyň 110% (bir ýüz on göteriminden) az bolmadyk möçberde ähli görnüşli töwekgelçilikleri, şol sanda dahyllynyň pul serişdelerini almazlygynyň ýa-da pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylyp berilmezliginiň, ýa-da harydyň oňa eltilmezliginiň ýa-da yzyna gaýtarylyp berilmezliginiň üstüni dolduryan dahyllynyň peýdasyna ýazylan ätiýaçlandyryş polisi ýa-da güwänamasy;

dahylly-girew saklaýja borjuň ýerine ýetirilmeginiň üpjünçiligi hökmünde berilen, dahylsyza-girew goýuja ýa-da dahylsyza-emläk zamunça Türkmenistanyň çäginde eýeçilik hukugy esasynda degişli bolan ýokary geçginli girew;

dahylsyzyň dahyllynyň öňünde Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan borçlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeginiň başga gurallary.

Şu bölümiň «b» kiçi bölüminde görkezilen resminamalaryň göçürme nusgalary bu resminamalary beren ýa-da deklarant tarapyndan tassyklanylýar.

Şu bölümiň «ç» we «d» kiçi bölümlerinde görkezilen resminamalaryň göçürme nusgalary eksport (import) edijiniň goly we bolan halatynda möhüri bilen tassyklanylýar.

## VII. Türkmenistanyň bank ulgamynyň üsti bilen daşary söwda geleşigini pasportlaşdyrmak

18. Daşary söwda geleşikleriň pasportlaşdyrylmagy Türkmenistanyň Merkezi banky we (ýa-da) pul gymmatlyklary bilen bank amallaryny amala aşyrmaga Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy bolan ygtyýarly karz edaralary amala aşyrýarlar.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmak boýunça Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we ygtyýarly karz edaralarynyň ygtyýarlyklary olaryň şahamçalaryna, ýerlerdäki we beýleki düzüm birliklerine olaryň içerki namalaryna laýyklykda degişli edilýär.

19. Türkmenistanyň Merkezi banky we ygtyýarly karz edaralary eksport (import) edijileriň daşary söwda gelişiklerini tölegli esasda pasportlaşdyrmaga hukuklydyrlar.

20. Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralarynyň baş bölümleri Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň merkezi diwanyna Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýa-da notarial tertipde tassyklanylan şu aşakdakylary habarly etmek tertibinde iberýärler:

karz edarasynyň ygtyýarlyklaryny tassyklamak üçin, pul gymmatlyklary bilen bank amallaryny amala aşyrmaga Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasynyň göçürme nusgasyny;

ygytýarly karz edaralary tarapyndan resmileşdirilen daşary söwda geleşigini pasportlaşdyrmagyň nyşanlarynyň hakykylygyny barlamak üçin, ygtyýarly karz edarasynyň birinji we bolan halatynda ikinji gol çekmek hukugyna eýe bolan wezipeli adamlarynyň gol nusgalaryny hem-de möhüriniň yzyny,

olar boýunça Türkmenistanyň gümrük gullugynyň edaralary Türkmenistandan eksport edilýän harytlara gümrük pul gözegçiligini amala aşyrmaly bolýarlar.

VIII. Daşary söwda geleşiklerini
pasportlaşdyrmagyň ýeke-täk sanawy

21. Daşary söwda geleşikleri, elektron maglumat göterijilerindäki geleşigiň pasportlarynyň ýeke-täk sanawynda (mundan beýläk – ýeke-täk sanaw), awtomatizirlenen maglumatlar ulgamyny ulanmak arkaly merkezleşdirilen tertipde pasportlaşdyrylýar, onuň saklaýjysy Türkmenistanyň Merkezi banky bolup durýar.

22. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralaryna, şeýle hem beýleki gyzyklanan pula gözegçilik edýän edaralara we agentlere hakyky wagt birliginde (on-line) giriş pursatyna hereket edýän (aktual) elektron maglumatlar binýady görnüşindäki ýeke-täk sanawa goragly (howpsuz) derhal elýeterliligi üpjün edýär. Aýratyn ýagdaýlarda, haçanda hakyky wagt birliginde elýeterliligi üpjün etmek üçin tehniki mümkinçilikleriň bolmadyk halatynda, bir iş gününiň dowamynda - bir gezekden az bolmadyk yzygiderlilikde maglumatlar bilen alyş-çalyş bukjalaýyn tertipde (off-line) amala aşyrylyp bilner.

23. Pula gözegçilik edýän edaralaryň we agentleriň aragatnaşygyň goragly kanallary boýunça elektron görnüşinde ýeke-täk sanawdan alnan maglumatlar esasynda hukuk taýdan ähmiýetli hereketleri etmäge haky bardyr.

IX. Daşary söwda geleşiklerini
pasportlaşdyrmaga çäklendirmeler

24. Dahylsyzyň dahyllynyň öňünde, söwda karzy boýunça serişdeleri yzyna gaýtarmagyň ýa-da borçlary başgaça ýerine ýetirmegiň hakyky möhletini geçirmegi, emele gelen möhleti geçen bergi doly üzülýänçä dahyllylaryň şol dahylsyz bilen ähli daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmagyň togtadylmagyna getirýär.

X. Daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmagyň
kagyz göterijilerdäki ýitirlen (zaýalanan) nyşanlarynyň dikeldilmegi

25. Daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmagyň kagyz göterijilerdäki ýitirlen (zaýalanan) nyşanlarynyň ýerine olaryň öwezlik nusgasy (dublikaty) berilýär, ol eksport (import) edijiniň ýazmaça ýüzlenmesi esasynda resmileşdirilip bilner.

Gümrük pul gözegçiliginde öwezlik nusgany bermek üçin, daşary söwda geleşiklerini pasportlaşdyrmagyň kagyz göterijilerdäki ýitirilen (zaýalanan) nyşanlary boýunça harytlaryň deklarirlenmändigi barada Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyndan maglumatlar hem gerek.

XI. Ygytyýarly karz edaralarynyň
pasportlaşdyrylan daşary söwda geleşikleri boýunça
berýän hasabatlylygy we maglumatlary

26. Puly kadalaşdyryş edaralary, pula gözegçilik edýän edaralary we agentleri üçin zerur bolan hasabatlylyk

ýeke-täk sanawdan düzülip bilner.

27. Eger başga möhlet Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilmedik bolsa, ygtyýarly karz edaralar aýma-aý her aýyň 5-inden gijä galman Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde milli we daşary ýurt puluny öz ýurduna gaýtarmak talaplaryny berjaý etmeýän dahyllylar hakynda pula gözegçilik eýän edaralary habarly edýärler.

28. Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda Türkmenistandan eksport we Türkmenistana import edilýän harytlar (işler, hyzmatlar) üçin eksport edijiler ýa-da import edijiler tarapyndan amala aşyrylýan şübheli hasaplaşyklar hakynda maglumatlary, Türkmenistanyň «Jenaýatçylyk ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda» Kanunyna laýyklykda, ygtyýarly karz edaralary ygtaýarly döwlet edaralaryna olar tarapyndan kesgitlenilen görnüş boýunça geçirýärler.

XII. Jemleýji düzgünler

29. Şu Tertibiň talaplaryna laýyklykda berilýän resminamalaryň mazmunyndaky maglumatlar täjirçilik syry bolup durýar. Pula gözegçilik edýän edaralar we agentler bu maglumatyň ýaşyrynlygyny üpjün edýärler.

Nusgasynyň güýji ýok

Geleşigiň pasportynyň hereket ediş möhleti daşary söwda geleşigiň hereket ediş möhleti bilen çäklendirilýär

**XX.XX.XXXX ý. senedäki XXXX - XXXX - XXXX belgili GELEŞIGIŇ P A S P O R T Y**

1. Eksport / Import ediji (dahylly):
2. Daşary ýurt kontragenti (dahylsyz):
3. Daşary ýurt kontragentiň ýurdy:
4. Geleşigiň belgisi we senesi:
5. TDHÇMB-da hasaba alynan belgisi:
6. Pul birligiň belgisi:
7. Geleşigiň umumy möçberi:
8. Geleşik boýunça ýöriteleşme:

| | № | Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň ady | Ölçeg birligi | Sany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| **eksporta** | | | | | |

9.e Eksportda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **importa** | | | | | |

9.i Importda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

10. Tölegiň şerti:
11. Geleşigiň hereket ediş möhleti: XX.XX.XXXX ý. <geleşigiň pasportynyň resmileşdirilen pursatyna>
12. Namanyň belgisi we senesi:
13. Esas:
14. Hyzmat edýän karz edara :

| T/b | Resmileşdiren karz edara | HASAPLAŞYKLAR hakynda M A G L U M A T L A R (artýan jem bilen) | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Hasap-nyrhnama, ygtyýar beriji resminama ýa-da borjuň ýerine ýetirilmegini üpjün ediji gural | | | | | Dahylly bilen dahylsyzyň arasyndaky borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hasaplaşyklar hakynda kabul edilen resminamalar | | | | | | Borçlaryň ýerine ýetirilmegi tassyklanylýar | |
| | | res. | № | sene | töl.gör | ý.ý.d.möç | res. | № | sene | ý.ý.görnüşi | pul | möçberi | sene | möçberi |
| 1 | 2 | 3.1 | 3.2 | 3.3 | 3.4 | 3.5 | 4.1 | 4.2 | 4.3 | 4.4 | 4.5 | 4.6 | 5.1 | 5.2 |

**R. Dahyllynyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$N_R$. D a h y l s y z y ň dahyllynyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_N$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

$B_N$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

$C_N$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

**N. Dahylsyzyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$R_N$. D a h y l l y n y ň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_R$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

$B_R$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

$C_R$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

**D. HASAPLAŞYKLARYŇ J E M I ( $C_N$ - $C_R$ ) =**

*(Ýazmaça möçberi)*

M.Ý.

| | |
|---|---|
| birinji gol | F.A.A. |
| ikinji gol | F.A.A. |

Nusgasynyň güýji ýok

Geleşigiň pasportynyň hereket ediş möhleti daşary söwda geleşigiň hereket ediş möhleti bilen çäklendirilýär

**XX.XX.XXXX senedäki XXXX - XXXX - XXXX belgili Geleşigiň pasportyna**

**XX.XX.XXXX senedäki XXX belgili Ü Ý T G E T M E L E R (GOŞMAÇALAR)**

XX.XX.XXXXý. senedäki XXXX-XXXX-XXXX belgili Geleşigiň pasportyndan g ö ç ü r m e (öňki üýtgetmeleri (goşmaçalary) hasaba almak bilen)

**ÜÝTGEDILEN (GOŞULAN) MAZMUNY (garaldylan ýazgy bilen görkezilýär)**

1. Eksport / Import ediji (dahylly):
2. Daşary ýurt kontragenti (dahylsyz):
3. Daşary ýurt kontragentiň ýurdy:
4. Geleşigiň belgisi we senesi:
5. TDHÇMB-da hasaba alynan belgisi:
6. Pul birliginiň belgisi:
7. Geleşigiň umumy möçberi:
8. Geleşik boýunça ýöriteleşme:

| | № | Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň ady | Ölçeg birligi | Sany | Möçberi | Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň ady | Ölçeg birligi | Sany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **eksporta** | | | | | | | | | |
| **importa** | | | | | | | | | |

9.e Eksportda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

9.i Importda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

10. Tölegiň şerti:
11. Geleşigiň hereket ediş möhleti: XX.XX.XXXX ý.
12. Namanyň belgisi we senesi:
13. Esas:
14. Hyzmat edýän karz edara :

**HASAPLAŞYKLAR hakynda M A G L U M A T L A R (artýan jem bilen)**

| T/b | Resmileşdiren karz edara | Hasap-nyrhnama, ygtyýar beriji resminama ýa-da borjuň ýerine ýetirilmegini üpjün ediji gural | | | | | Dahylly bilen dahylsyzyň arasyndaky borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hasaplaşyklar hakynda kabul edilen resminamalar | | | | | | Borçlaryň ýerine ýetirilmegi tassyklanylýar | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | res. | № | sene | töl.gör | ý.ý.d.möç | res. | № | sene | ý.ý.görnüşi | pul | möçberi | sene | möçberi |
| 1 | 2 | 3.1 | 3.2 | 3.3 | 3.4 | 3.5 | 4.1 | 4.2 | 4.3 | 4.4 | 4.5 | 4.6 | 5.1 | 5.2 |

**R. Dahyllynyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$N_R$. Dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_N$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

$B_N$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

$C_N$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

**N. Dahylsyzyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$R_N$. Dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_R$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

$B_R$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

$C_R$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮ ⋮

**D. HASAPLAŞYKLARYŇ J E M I ( $C_N$ - $C_R$ ) =**

*(Ýazmaça möçberi)*

M.Ý.

birinji gol F.A.A.

ikinji gol F.A.A.

Nusgasynyň güýji ýok

Geleşigiň pasportynyň hereket ediş möhleti daşary söwda geleşigiň hereket ediş möhleti bilen çäklendirilýär

**XX.XX.XXXX senedäki XXXX - XXXX - XXXX belgili Geleşigiň pasporty boýunça**
**XX.XX.XXXX senedäki XXX belgili HASAPLAŞYKLAR HAKYNDA M A G L U M A T L A R**

XX.XX.XXXX ý. senedäki XXXX - XXXX - XXXX belgili Geleşigiň pasportyndan g ö ç ü r m e

1. Eksport / Import ediji (dahylly):
2. Daşary ýurt kontragenti (dahylsyz):
3. Daşary ýurt kontragentiň ýurdy:
4. Geleşigiň belgisi we senesi:
5. TDHÇMB-da hasaba alynan belgisi:
6. Pul birligiň belgisi:
7. Geleşigiň umumy möçberi:
8. Geleşik boýunça ýöriteleşme:

| | № | Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň ady | Ölçeg birligi | Sany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| **eksporta** | | | | | |
| **importa** | | | | | |

9.e Eksportda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

9.i Importda eltmegiň esaslaýyn şerti <INCOTERMS-e laýyklykda>

10. Tölegiň şerti:
11. Geleşigiň hereket ediş möhleti: XX.XX.XXXX ý. <geleşigiň pasportynyň resmileşdirilen pursatyna>
12. Namanyň belgisi we senesi:
13. Esas:
14. Hyzmat edýän karz edara :

| T/b | Resmileşdiren karz edara | HASAPLAŞYKLAR hakynda M A G L U M A T L A R (artýan jem bilen) | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Hasap-nyrhnama, ygtyýar beriji resminama ýa-da borjuň ýerine ýetirilmegini üpjün ediji gural | | | | | Dahylly bilen dahylsyzyň arasyndaky borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hasaplaşyklar hakynda kabul edilen resminamalar | | | | | | Borçlaryň ýerine ýetirilmegi tassyklanylýar | |
| | | res. | № | sene | töl.gör | ý.ý.d.möç | res. | № | sene | ý.ý.görnüşi | pul | möçberi | sene | möçberi |
| 1 | 2 | 3.1 | 3.2 | 3.3 | 3.4 | 3.5 | 4.1 | 4.2 | 4.3 | 4.4 | 4.5 | 4.6 | 5.1 | 5.2 |

**R. Dahyllynyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$N_R$. D a h y l s y z y ň dahyllynyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_N$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

$B_N$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

$C_N$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

**N. Dahylsyzyň peýdasyna ýer.ýetirm. üçin** | **$R_N$. D a h y l l y n y ň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi**

$A_R$. G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda :

$B_R$. **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:**

$C_R$. Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda:

**D. HASAPLAŞYKLARYŇ J E M I ( $C_N$ - $C_R$ ) =**

***(Ýazmaça möçberi)***

| | birinji gol | F.A.A. |
|---|---|---|
| M.Ý. | | |
| | ikinji gol | F.A.A. |

Geleşigiň pasportynyň, geleşigiň pasportyna üýtgetmeleriň (goşmaçalaryň)
we geleşigiň pasporty boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň görnüşlerini doldurmak boýunça

**G O L L A N M A**

| öýjügiň belgisi | Öýjükleriň ady | Doldurylýan maglumatlar |
|---|---|---|
| | **Daşary söwda ( eksport / import ) geleşigi hakynda maglumat** | |
| 1 | Eksport / Import ediji (dahylly): | - eksport / import edijiniň doly ady |
| 2 | Daşary ýurt kontragenti (dahylsyz): | - daşary ýurtly satyn alyjynyň doly ady |
| 3 | Daşary ýurt kontragentiň ýurdy: | - daşary ýurtly satyn alyjynyň hukuk taýdan esaslandyrylan ýurdy |
| 4 | Geleşigiň belgisi we senesi: | - daşary söwda geleşigiň belgisi we senesi |
| 5 | TDHÇMB-da hasaba alynan belgisi: | - TDHÇMB-da hasaba alynan belgisi, mysal üçin ЭКС-XXXXXX, БВШ-XXXXXX we ş.m. |
| 6 | Pul birligiň belgisi: | - halkara klassifikasiýa laýyklykda puluň kody |
| 7 | Geleşigiň umumy möçberi: | - daşary söwda geleşigiň umumy möçberi - san bilen |
| 8 | Geleşik boýunça ýöriteleşme: | - ýöriteleşmäniň belgisini, harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň umumylaşdyrylan atlaryny, ölçeg birliklerini, sanyny we möçberini (bahasyny) görkezmek bilen daşary söwda geleşigi boýunça eksport/import ýöriteleşme |
| 9.e<br>9.i | Eksportda eltmegiň esaslaýyn şerti<br>Importda eltmegiň esaslaýyn şerti | - INCOTERMS ( International Commercial Terms ) söwda adalgalarynyň halkara düşündiriş kadalaryna laýyklykda, harydy eltmegiň gysgaldylyp atlandyrylyşy, şol sanda:<br>*Ulagyň islendik görnüşi ýa-da görnüşleri üçin düzgünler:*<br>EXW - Ex Works (Franko zawod)<br>FCA - Free Carrier (Franko ýük daşaýjy)<br>CPT - Carriage Paid to (Ýüküň daşalmagy ... çenli tölenen)<br>CIP - Carriage and Insurance Paid to (Ýüküň daşalmagy we ätiýaçlandyrma ... çenli tölenen)<br>DAT - Delivered at Terminal (Terminala eltmek)<br>DAP - Delivered at Place (Bellenen ýerine eltmek)<br>DDP - Delivered Duty Paid (Paçlary tölemek bilen eltmek)<br>*Deňiz we içki suw ulagy üçin düzgünler*<br>FAS - Free Alongside Ship (Gäminiň boýuna ugurdaş erkin)<br>FOB - Free on Board (Gäminiň üstünde erkin)<br>CFR - Cost and Freight (Baha we fraht)<br>CIF - Cost Insurance and Freight (Baha, ätiýaçlandyrma we fraht) |
| 10 | Tölegiň şerti: | - öňünden töleg, tölegiň yza süýşürilmegi, barter, tolling, hasaplaşyklar we ş.m. |
| 11 | Geleşigiň hereket ediş möhleti: | - daşary söwda geleşigiň anyk hereket ediş möhleti |
| 12 | Namanyň belgisi we senesi: | - geleşigiň pasportynyň berilmegi üçin eksport (import) edijiniň ýüzlenme hatynyň belgisi we senesi |
| 13 | Esas: | -Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ygtyýarly döwlet edaralarynyň namalaryny özünde jemläp bilýär |
| 14 | Hyzmat edýän karz edara: | - hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasynyň ady |
| | **Hasaplaşyklar hakynda maglumatlar ( k e s e l i g i n e )** | |
| 1 | *T/b* | - setiriň tertip belgisi, awtomatlaşdyrylan ýagdaýda emele gelýär we hasaplaşyklar hakynda maglumatlaryň belgisi bilen deň gelýär |
| 2 | *Resmileşdiren karz edara* | - hasaplaşyklar hakynda maglumatlary resmileşdiren ygtyýarly karz edaranyň ady |
| | *Hasap-nyrhnama, ygtyýar beriji resminama ýa-da borjuň ýerine ýetirilmegini üpjün ediji gural, ýagny daşary söwda geleşigiň pul birliginde dahyllynyň (dahylsyzyň) peýdasyna ýerine ýetirilmäge degişli resminama* | |
| 3.1 | res. | - resminamanyň gysgaldylan ady, şol sanda:<br>INV - hasap-nyrhnama<br>KMT -Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi (ygtyýar berýän resminama)<br>EST - ýuridik şahsyň esaslandyryjylaryň çözgüdi (ygtyýar berýän resminama)<br>AKR - dokumentar güwälendiriş hasaplar<br>GAR - bank kepilnamasy<br>we ş.m. |

| | | |
|---|---|---|
| 3.2 | № | - resminamanyň belgisi |
| 3.3 | sene | - resmanimanyň çykarylan senesi |
| 3.4 | töl.gör. | - resminama boýunça tölegiň görnüşi, şol sanda: |
| | | goşmaça töleg |
| | | jerime |
| | | borjuň hakyky ýerine ýetirilmegine görä |
| | | hakujy |
| | | tölegiň yza süýşürilmegi |
| | | we ş.m. |
| 3.5 | ý.ý.d.möç. | - resminama boýunça ýerine ýetirilmäge degişli möçber |
| | *Dahylly bilen dahylsyzyň arasyndaky borçlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hasaplaşyklar hakynda kabul edilen resminamalar, ýagny d a h y l s y z y ň dahyllynyň öňündäki ýa-da d a h y l l y n y ň dahylsyzyň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada resminamalar* | |
| 4.1 | res. | - kabul edilen resminamanyň gysgaldylan ady, şol sanda:<br>CHS - bankyň pulhanasyna gelen pul<br>CAC -bankyň habarlaşyk hasabyna gelen pul<br>DEC - ýük gümrük jarnamasy<br>ACT - ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) delilnamasy<br>we ş.m. |
| 4.2 | № | - resminamanyň belgisi |
| 4.3 | sene | - resminamanyň senesi |
| 4.4 | ýer.ýet.gör. | - resminama boýunça borçlaryň ýerine ýetirilişiniň görnüşi, şol sanda:<br>pul bilen ( import edilýän harytlar, işler, hyzmatlar üçin töleg )<br>haryt bilen ( pula harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň eksporty )<br>barter (harytlaryň alyş-çalşygy)<br>tolling (öň getirilen we gaýtadan işlenilen, harydyň şertlendirilen paýy)<br>hasaplaşyk (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň alyş-çalşygy)<br>we ş.m. |
| 4.5 | pul | - resminama boýunça pul birliginiň belgisi (agzalmazdan - daşary söwda geleşigiň pul birliginiň belgisi) |
| 4.6 | möçberi | - resminamada görkezilen möçber (baha) |
| | *Borçlaryň ýerine ýetirilmegi tassyklanylýar* | |
| 5.1 | sene | - borçlaryň ýerine ýetirilişini tassyklaýan sene, ýagny pullanmanyň senesi, namanyň senesi we ş.m. |
| 5.2 | möçberi | - ýerine ýetirilen borçlaryň tassyklanylýan möçberi (bahasy) |

**D a h y l s y z y ň (N) dahyllynyň öňündäki ýa-da d a h y l l y n y ň (R) dahylsyzyň öňündäki ýerine ýetirilen borçlary boýunça hasaplaşyklar hakynda maglumatlar ( d i k l i g i n e )**

| | | |
|---|---|---|
| A $_{N/R}$ | G e ç e n hasaplaşyklaryň statistikasy, hemmesi, şol sanda : | |
| | | - hemmesi we hersi boýunça aýratynlykda öň geçirilen we tassyklanylan hasaplaşyklaryň statistikasyny jemleýär |
| **B $_{N/R}$** | **Şunuň bilen t a s s y k l a n y l ý a n hasaplaşyklar, hemmesi, şol sanda:** | |
| | | **- hemmesi we her töleg boýunça aýratynlykda şunuň bilen tassyklanylýan hasaplaşyklary jemleýär, olar şu hasaplaşyklar hakynda maglumatlar üçin esasy bolup durýar** |
| C $_{N/R}$ | Hasaplaşyklaryň u m u m y möçberiniň statistikasy, jemi, şol sanda: | |
| | | - olaryň hemmesi we hersi boýunça aýratynlykda öň geçirilen we tassyklanylan, şeýle hem şunuň bilen tassyklanylýan hasaplaşyklaryň statistikasyny jemleýär ( $C_{N/R} = A_{N/R} + B_{N/R}$ ) |
| **D** | **HASAPLAŞYKLARYŇ J E M I ( $C_N - C_R$ ) =** | |
| | | - dahylly bilen dahylsyzyň arasynda tassyklanylan hasaplaşyklaryň tapawudy, ýagny oňyn belgili noldan uly san çyksa (+) - bu dahyllynyň dahylsyzyň öňündäki bergisi, oňlanmaýan belgili noldan kiçi san çyksa (-) - bu dahylsyzyň dahyllynyň öňündäki bergisi (söwda karzy) |